# Gadymy türkmenler we ýada daşy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gadymy türkmenler we ýada daşy GADYMY TÜRKMENLER WE ÝADA DAŞY

Orta asyr yslam müellifleri (ýazyjylary) türkmenleriñ irki urp-adatlary barada juda ujypsyz maglumatlary galdyrypdyrlar. Türkmenleriñ ýagyş, gar we doly ýagdyrmak üçin ýerine ýetirýän rituallary yslam alymlarynyñ arasynda giñden gyzyklanma döredipdir. Şonuñ üçin bu barada aýratyn durlup geçilse gowy bolar.
XVII asyrdan XVIII asyra çenli aralykda ýazylan geografiki we taryhy eserlerde, syýahatnamalarda, lugat (dil) kitaplarynda, şahyrlaryñ manzumelerinde (şygyrlarynda) türkmenleriñ şular ýaly meşhur adatlaryndan söz açylýar we giñişleýin maglumat berilýär.
Ygtybarly alym-müellifler türkmenleriñ ýagyş-gar ýagdyrma hadysasyna hut öz gözleri bilen şaýat bolandyklaryny ýazypdyrlar.
Geñ galaýmaly zat, özem şular ýaly geñsi zadyñ mümkin däldigini subut etmäge çalyşýan teoriýa henize-bu güne çenli hiç bir eserde gabat gelnenok.
Yslam müellifleeriniñ aýtmagyna görä, türkmenlerdir we beýleki türki halklaryñ ýagyş-gar ýagdyrmalarynda esasy hyzmaty daş ýerine ýetirýär.
Türkmenleriñ "ýat daşy" ýa-da "ýada daşy" diýýän geñsi daşyna eýranlylar "seññi" (sengi) ýa-da "ýeşim", araplar "Hajer-ül-matar", ýagny "ýagmyrdaşy" ýaly diýen atlary dakypdyrlar. Bu daşyñ artykmaçlyklary baada müellifler dürli-dürli maglumatlary beripdirler, olardan birnäçesini aşakda agzap geçmekçi.
Onunjy asyrda türki halklaryñ ýaşaýan ýurtlarynh syýahat edendigini aýdýan arap müellifi Ebu Dülef Misar ibni Mühelhel Yrtyş derýasynyñ boýunda oturan kimek (megerem türkmenleriñ

ýemek taýpasy bolmaly -t.b.) taýpasyndan söz açanda, olaryñ islän wagty ýagmyr ýagdyryp bilýän daşlarynyñ bardygyny ýazypdyr.

Şeýle wakany gözi bilen görendigini ilkinji bolup ýazanam beýik dilçimiz Mahmyt Kaşgarlydyr. Mahmyr Kaşgarly XI asyryñ ikinji ýarymynda ýazan "Diwany lugat-et-türk" atly gymmatly kitabynda bu boýunça garaýşyny şeýle beýan edipdir:

*“Ýat – özbaşyna bir bilgiçlik ýaly zatdyr. Ol ýörite daşlardan ýasalypdyr. Bu şekulde ýagyş-gar ýagdyrylypdyr, ýel öwüsdirilipdir. Bu usul türkleriñ arasynda giñden ýaýran däpleriñ biri.*

*Men muny Ýagma (türki taýpalaryñ biri) ýurdunda gördüm. Bir gün ol ýerde ýangyn döredi, tomus paslydy. Ýañky usul bilen ýagmyr ýagdyryldy we Uly Tañrynyñ eradasy bilen ýangyn söndürildi".*

Mahmyt Kaşgarlynyñ bu sözlerinden ýat diýilip, ýagyş-gar ýagdyrma ritualyna diýilipdir. Kaşgarly eserinuñ ýene bir ýerinde munuñ bilen meşgullanýanlara ýatçy diýipdir.

Şol asyryñ ortalarynda Gerdiziniñ ýazan "Zeyn-ül Ahbarynda" ýada daşynyñ döreýşi barada şeýle rowaýat agzalyp geçilýär:

"*Nuh aleýhyssalam jahany dört ogluna paýlap beren wagty, türkileriñ atasy Ýafese Gündogar diýarlaryny berdi. Nuh pygamber Tañra ogly Ýafese islän wagty ýagmyr ýagdyryp biler ýaly bir doga öwretmesini towakga edýär.*

*Jenaby-Hak söýgüli pygamberiniñ dogasyny kabul edip, Ýafese bir doga öwredipdir. Ýafes ol dogany ýatdan çykarmazlyk üçin bir daşa ýazypdyr we ony tumar ýaly boýnundan asyp gezipdir.*

*Türküstana gelen Ýafes bu daş bilen gerek wagty ýagdyryp we suwlary joşduryp bilipdir. Ýafes aradan çykansoñ daş türkmenleriñ ata-babalary bolan oguzlara geçýär. Emma beýleki türki kowumlar hem Ýafesiñ nesli bolandygy üçin ol daşa eýelik etmäge özleriniñem deñ derejede hukuklarynyñ bardygyny öñe sürüpdir. Şonuñ üçin oguzlar beýleki türki taýpalaryñ teklibini kabul edip, bije atýarlar. Bije başga bir türkmen taýpasy bolan garlyklara düşýär. Daşa eýe çykan garlyklar bir müddet geçensoñ ýagyş ýagdyrmakçy bolupdyr.*

*Ýöne bu maksat bilen ýerine ýetirilen ritual netije bermändir. Gökden ýeke damja ýagyş ýagmandyr. Şeýlelikde daşyñ ýasamagy belli boldy. Sebäbi oguzlar hakyky daşy özlerinde gizläp, garlyklara ýada daşyna meñzeýän başga daşy "gysdyran" ekenler. Mundan soñ ýada daşynyñ üstünde oñuşmadyk türki taýpalaryñ arasynda uzaga çeken gandöküşikli uruşlar başlanypdyr".*

Bu rowaýaty aýdýan Gerdizidir ondan soñky başga müellifler öz ýaşan döwürlerinde oguzlar bilen beýleki türki kowumlaryñ arasyndaky agzalalygyñ we duşmançylygyñ şu ýagmyr daşynyñ üstünde turan urşuñ dowamydygyny ýazypdyrlar.
Türkmenleriñ ýagyş ýagdyrma tilsiminiñ gözli şaýatlarynyñ biri-de Jelaleddn Meñburnynyñ aldym-berdimli söweşlerden doly ömrüni, mongol sülsatlarynyñ yslam ýurtlarynda döreden pajygaly wakalaryny gözi bilen görüp ýazyp giden Muhammet Nesewidir.
1228-nji ýylda yzarlaýjy mongol otrýadyndan gaçyp gelen Soltan Jelaleddini Gündogar Anadolynyñ Eleşkirt obasynda düşleýär. Eleşkirtiñ halky soltana arz edip, gurakçylykdan zeýrenipdir. Muhammet Nesewi şeýle ýazýar:

*“Halky diñläp bolansoñ, daşlar arkaly ýagmyr ýagdyrylmak müwessa bilindi. Biz muña ynanamzokdyk. Soñra munuñ birnäçe tejribeleriñ üsti bilen hakykatdygyna göz ýetirdik. Ýagyş ýagdyrma çäresine hut soltanyñ özi, ýagny, Jelaleddin gözegçilik etdi.*
*Derhal gök garalmaga we ýagmyr ýagmaga başlady, ýagyş gije-gündizläp ýagdy. Şeýle bir köp ýagmyr ýagdy welin, palçykdan we batgadan ýaña soltanyñ otagyna gider ýaly bolmady".*

On üçünji asyra degişli eserlerde bu barada şeýle maglumat bar:

*“892-907-njy ýyllarda Mawerennahryñ hökümdary Ysmaýyl Samany musulmanlardan paç alýan kapyr türklere garşy uruş yglan edipdi. Oña türkleriñ söweş güni daşlary suwa atyp, ýagyş we doly ýagdyrjakdygy barada habar berdiler.*
*Samany hökümdary "Bular ýaly ýalan zatlara ynanyp ýörmäñ.*

*Jenaby-Hakdan özge hiç kim ýagmyr ýagdyryp bilmez" diýip, gelen habara üns bermändir.*
*Söweş başlamazynyň öňüsyrasy samany goşunynyň ýanbaşyndaky dagyň üstünden goýy gara bulut gelip, yzyndanam güýçli gök gürläp başlaýar. Musulmanlar howsaladan ýaňa näme ederini bilmän galýarlar.*
*Ýagdaýdan çykalga tapmasa, goşunynyň heläk boljagyny duýan samany hökümdary derhal atyndan inip, dyza çökýär we gözýaşlara boglup musulmanlary bu aýylganç beladan halas etmegi üçin Hudaýa ýalbarypdyr. Soňra bulut birden ugruny üýtgedip, türkleriň duran tarapyna gidipdir we ynsy-jynsy heläk edip taşlan doly ýagmaga başlapdyr".*

Başga bir müellif ýagmyr ýagdyrma ritualy barada has giňişleýin başga bir täsin maglumaty ýazypdyr.
Horezm (türkmen) döwletiniň soltany Alaeddin Muhammediň (1220-nji ýylda aradan çykýar) huzurynda bir goja ullakan kerseni suwdan dolduryp otagyň ortasynda goýupdyr.
Tomus pasly eken. Sagyna-soluna iki sany turba şekilli geçiriji diken täsin goja üçünji geçirijini belent ýerde goýupdyr. Ýagmyr daşynyň reňkindäki bir ýylan üçünji geçirijiden aşak syrygyberipdir.
Goja iki sany ýada daşyny kersene salypdyr, bir minut geçip-geçmänkä ýaňky daşlary suwdan çykaryp, biri-birine sürtüpdir we ikisini-de bir tarapa bakan zyňypdyr. Oturanlar aýakýalaňaç ýatçynyň gaharlanyp nämedir bir zatlar hümürdeýändigini görüpdirler.
Bu ritualyň soňunda asmanda goýy gara bulutlar peýda bolupdyr we ýagyş ýagmaga başlapdyr. Goja etmeli işini edip bolansoň, munuň diýseň kyn düşendigini we ýadandygyny aýdypdyr.
XIII asyrda ýaşan başga bir müellif ýagmyr daşynyň görnüşi we gelip çykyp barada il içinde aýdylýanlary jemläp, şeýle ýazypdyr:

*“Yagmyr daşy ýumşak we ýumurtganyň ululygynda. Onuň üç görnüşi bolupdyr. Bu daş boýunça dürli-dürli pikirler bar. Käbirleri bu daşy Hytaýyň gündogar çäklerindäki magdanlardan*

*alynýandygyny güman edýär.*
*Käbirleri bolsa bu daşyñ Hytaý diwarynyñ eteklerinde ýaşaýan* ***Sürhab*** *diýen gyzyl ganatly äpet suw guşunyñ önümidigini aýdýar.*
*Haýsy bolanda-da, türki kowumlaryñ ählisi ýagmyr daşynyñ pasyla we haçandygyna garamazdan täsiriniñ bolýandygyna ynanypdyrlar.*
*Bu daşyñ sypaty hakynda-da dürli pikirler bar. Käbirleri onuñ eñaşaklygyna akýan suwa oklanýandygyny aýdýar. Käbirleriniñ pikiriçe bolsa, munuñ ulanylmagyny diñe türkler bilipdirler we başga halklara öwretmändirler".*

Bu boýunça berilen ýene bir habar hem şu ýokarda aýdylanlara güwä geçýär:

*"Türküstan daglarynda bir ýerde darajyk geçelge bar. Ol ýerden geçenler gaty ses çykarmajak bolup, haýwanlarynyñ aýaklarynyñ nallaryny keçe bilen dañýarlar. Eger geçelgede aýak astynda ýatan daşlaryñ biri beýlekisiniñ üstüne düşse, şobada zenzele döräp, howany bulut gaplap alypdyr we tä ynsy-jynsy heläk edýänçä yzy kesilmeýän ýagyşlar ýagypdyr".*

Ynha, gadymy türkleriñ ýagyş-gar ýagdyrma däpleri barada yslam müellifleriniñ beren habarlary şulardan ybarat.
Ýokarda mysal getirilen maglumatlardan şeýleräk netije çykarmak mümkin: Gadymy türkler gurak Orta Aziýa sähralyklarynda ýaşaýandyklary sebäpli suwa juda mätäç ýagdaýda ýaşapdyrlar. Şonuñ üçinem türkleriñ magşary wyždanynda – jemgyýetiñ gözünde suwuñ orny aýratyn uly bolupdyr.
Gadymy türkleriñ dini durmuşynda ýer-suwlar (şol zamanlar Ýersub diýilipdir) mukaddes saýylypdyr we haýyrly ruhlara-da “Ýer-suw” diýilýän eken.
Şol sanda, türk jadygöýlüginde-de gök suwlaryna, ýagny ýagyşa aýratyn üns berilipdir.
Şonuñ üçin ýatçy bilgiçler türk ýurtlarynda seýrek duş gelýän täsin daşy böleklere bölüp, biri-birine sürtmek, suwa atmak we şol pursatda häzire çenli belli bolman galan birnäçe dogalary

okamak arkaly ýagyş ýagdyrmaga çalşypdyrlar.
Türkmenler yslamyýyeti kabul edenlerinden soñam ýagyş ýagdyrma däbini giñden dowam etdiren bolmaly, sebäbi şu ýazgymyzdan hem mälim bolşy ýaly, ýada daşy yslam müellifleriniñ eserlerinde öz beýanyny tapypdyr.
Häzirlikçe, bu adatyñ orta asyrlardaky Anadoly türkmenleriniñ arasynda bolandygyna ýa-da bolmandygyna güwä geçýän maglumatlar elimizde ýok.
Ýöne biziñ döwrümizde Anadoluda ýerine ýetirilýän ýagmyr ýagdyrma dogalaryny okanlarynda dabaraly ýagdaýda suwa (käbir ýerlerde mukdary belli bir ölçegde) çakmak daşlarynyñ oklanmagy ýatçylyk adaty bilen baglanyşykly adatdygyny çaklamak kyn däl. Şeýle-de Anadolynyñ käbir ýerlerinde bela-beterden gorajakdygyna ynanyp, çagalaryñ boýnundan asylýan daşa-da "ýat daşy", "ýat monjugy" diýilýändigini bilmek gerek.

Faruk SÜMER – "Resimli Târih" (Suratly taryh) mejmuasy, N"5, maý 1950. Geň-taňsy wakalar